# Nämeler sensiz

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Nämeler sensiz NÄMELER SENSIZ

Ýöne ýerden döremändi gaýgylam
Dowça wagtym söýülmedim,
(duý, munam!)
Serilende kişde deýin duýgulam
Gör, nämeler geçip gider meň bilen,
Nämeler sensiz…

Serhoşdym men, tutmasa-da meý elim
Sebäp söýdüm, ýeriň peri-peýkerin
Dikenimde ýalňyzlygyň heýkelin
Gör, nämeler geçip gider meň bilen,
Nämeler sensiz…

Iller ekin, men arzuwym ekemde,
Umyt bilen zähmetini çekemde,
Bahar gülläp, güýz ýapragyn dökende
Gör, nämeler geçip gider meň bilen,
Nämeler sensiz…

Düýne sarap, ömrüň her bir ertesin
Bagtyň üçin, meni hijran örtesin
Atanyňda bir maşgalaň kürtesin
Gör, nämeler geçip gider meň bilen,
Nämeler sensiz…

Ylham GURBANALYÝEW.

2022. Goşgular